# Ýazgydyňmy?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýazgydyňmy? ÝAZGYDYŇMY?

Agram berip dar gursaga,
Gussalaň gaýnap dursa-da,
Öz syryňy açmazlygyň,
Görip görseň gaçmazlygyň,
Gün-günden çökse-de, gerden,
Ajy sözleň ejirinden,
Öz-özüňe lukman bolup,
Bejerdiňmi ähli derdiň?
Bejerip öz kalbyň derdin,
Döwük ganatyň seýikläp,
Sarç bedew deý, sarç erkiňi,
Özge däl, özüň seýisläp,
Göýä, Symrug guşy ýaly,
Gözläp mydam ýagşy päli,
Nurana kalplara gonmak,
Soňra ony gursagyňda,
Ýygşyran gaharyň bilen,
Döreden mähiriň bilen,
Çoýmak üçin.
Bu gün ýanyp, erte sönmek,
Öň ýazylan ýazgydyňmy?
Ýa-da seniň ömrüň üçin,
Ýaşap ýören döwrüň üçin,
Saýlap alan çözgüdiňmi?

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular